Şu gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan möwsümleýin işleriň ýagdaýy bilen bagly meselelere garaldy.

Ilki bilen, Ahal welaýatynyň häkimi R.Hojagulyýewe söz berildi. Häkim welaýatda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ýagdaýy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, şu günler welaýatyň bugdaý ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri dowam edýär. Şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlarda tekizleýiş, geriş çekmek işleri ýerine ýetirilýär. Ýazky ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny hem-de gurallary abatlap, möwsüme taýýarlamak işi tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar. Pagtaçy daýhanlary ýokary hilli gowaça tohumlary bilen üpjün etmek maksady bilen, pagta arassalaýjy kärhanalarda gowaça çigitleri taýýarlanylýar. Şeýle hem ýeralmanyň, soganyň, beýleki gök-bakja ekinleriniň ekişini agrotehniki möhletlerde geçirmek boýunça zerur çäreler görülýär. Ýerleriň melioratiw ýagdaýyny kadaly derejede saklamak, suwaryş we şor suw akabalaryny arassalamak işleri geçirilýär.

Şeýle-de häkim welaýatda ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň ýyladyş ulgamlaryny kadaly işletmek, ilaty elektrik energiýasy, tebigy gaz, agyz suwy bilen bökdençsiz üpjün etmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, häzirki wagtda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilmeginiň zerurdygyny belledi we welaýatyň ak ekin, gowaça ekiljek meýdanlarynda alnyp barylýan işleriň agrotehnikanyň talaplaryna laýyklykda ýerine ýetirilmegini, gowaçanyň, gök-bakja ekinleriniň ekişine ýokary derejede taýýarlyk görülmegini üpjün etmegi häkime tabşyrdy.

Soňra Balkan welaýatynyň häkimi H.Aşyrmyradow dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda welaýatyň gowaça ekiljek meýdanlarynda tekizleýiş, geriş çekmek işleri alnyp barylýar. Ýazky möwsümleýin oba hojalyk işlerinde ulanyljak tehnikalary we gurallary abatlamak, pagtaçy daýhanlar üçin welaýatyň toprak-howa şertlerine laýyk gelýän ýokary hilli gowaça tohumlaryny taýýarlamak boýunça zerur işler ýerine ýetirilýär. Bugdaý ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri geçirilýär. Şunuň bilen bir hatarda, ýeralmanyň, soganyň we beýleki gök-bakja ekinleriniň ekişini agrotehniki möhletlerde tamamlamak maksady bilen, degişli guramaçylyk işleri ýerine

Все права защищены

ýetirilýär. Welaýatyň ekerançylyk meýdanlarynyň daş-töwereginde, ýaplarda, zeýkeşlerde arassaçylyk işleri geçirilýär.

Şeýle hem häkim gyş paslynyň dowam edýän günlerinde welaýatda medeni-durmuş maksatly binalaryň ýyladyş ulgamlaryny kadaly işletmek, ilaty elektrik energiýasy, tebigy gaz, agyz suwy bilen bökdençsiz üpjün etmek boýunça ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, möwsümleýin oba hojalyk işleriniň talabalaýyk ýerine ýetirilmeginiň möhümdigini belledi we welaýatyň bugdaý ekilen meýdanlarynda ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda alnyp barylmagyny, şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek ýerleriň, pagtaçylar üçin ýokary hilli gowaça tohumynyň ekiş möwsümine taýýar edilmegini, beýleki ekinleriň ekişine taýýarlyk görülmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Sanly ulgam arkaly geçirilýän iş maslahaty Daşoguz welaýatynyň häkimi S.Soltanmyradowyň welaýatda alnyp barylýan oba hojalyk işleriniň ýagdaýy baradaky hasabaty bilen dowam etdi.

Hasabatda bellenilişi ýaly, bugdaý ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda mineral dökünler bilen iýmitlendirmek işleri ýerine ýetirilýär. Şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlary ekişe taýýarlamak maksady bilen, ýerlerde sürüm işleri doly geçirilip, häzirki wagtda tekizleýiş we ýuwuş suwuny tutmak işleri alnyp barylýar. Ýazky ekiş möwsüminde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny we gurallary abatlamak, pagta öndürijileri welaýatyň toprak-howa şertlerine laýyk gelýän ýokary hilli gowaça tohumlary bilen üpjün etmek boýunça zerur işler geçirilýär. Ýazlyk ýeralmanyň, soganyň, beýleki gök-bakja ekinleriniň ekiljek ýerlerinde sürüm işleri tamamlanyp, suw tutmak we bu ekinleriň tohumlaryny taýýarlamak işleri dowam edýär. Ýazky ekiş möwsümine taýýarlygyň çäklerinde ekin meýdanlarynyň daş-töwereginde, ýaplarda we zeýkeşlerde arassaçylyk işleri alnyp barylýar.

Şeýle hem häkim hormatly Prezidentimiziň gyşky möwsümde ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdepleriň we çagalar baglarynyň ýyladyş ulgamlarynyň kadaly işledilmegi, ilatyň elektrik energiýasy, tebigy gaz, agyz suwy bilen bökdençsiz üpjün edilmegi babatda beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýerden bol hasyl almak üçin oba hojalyk işleriniň agrotehnikanyň kadalaryny berk berjaý etmek arkaly ýerine ýetirilmelidigini belledi we welaýatyň bugdaý ekilen meýdanlaryndaky ideg işleriniň, şu ýylyň hasyly üçin gowaça

Все права защищены

ekiljek meýdanlardaky ýerine ýetirilýän işleriň agrotehniki möhletlerde geçirilmegini, pagtaçy daýhanlar üçin ýokary hilli gowaça tohumlarynyň, gök-bakja ekinleriniň ekiljek meýdanlarynyň, bu ekinleriň tohumlarynyň ekiş möwsümine doly taýýar edilmegini üpjün etmegi häkime tabşyrdy.

Soňra Lebap welaýatynyň häkimi Ş.Amangeldiýew ýurdumyzyň gündogar sebitinde alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ýagdaýy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, welaýatda şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlarda tekizleýiş, geriş, çil çekmek, topragy mineral dökünler bilen gurplandyrmak hem-de ýuwuş suwuny tutmak işleri alnyp barylýar. Ýazky ekiş möwsüminde işlediljek tehnikalary we gurallary abatlamak, pagtaçy kärendeçileri welaýatyň toprak-howa şertlerine laýyk gelýän ýokary hilli gowaça tohumy bilen üpjün etmek boýunça zerur işler ýerine ýetirilýär. Bugdaý ekilen meýdanlarda ideg işleri dowam edýär. Şunuň bilen birlikde, welaýatda ýazlyk ýeralmanyň, soganyň, beýleki gök-bakja ekinleriniň ekişini agrotehniki möhletlerde geçirmek üçin zerur taýýarlyk işleri alnyp barylýar. Ekerançylyk meýdanlarynyň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak maksady bilen, olaryň daş-töwereklerinde, suwaryş we şor suw akabalarynda arassaçylyk işleri geçirilýär.

Şeýle hem häkim gyş paslynyň dowam edýän günlerinde welaýatyň çägindäki ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdepleriň we çagalar baglarynyň ýyladyş ulgamlaryny kadaly işletmek, ilaty elektrik energiýasy, tebigy gaz, agyz suwy bilen bökdençsiz üpjün etmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, häzirki wagtda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilmeginiň geljekde bol hasyl almagyň esasy şertleriniň biridigini belledi we bu ugurda alnyp barylýan işleriň, hususan-da, bugdaý ekilen meýdanlarda ideg işleriniň, şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlarda degişli işleriň talabalaýyk geçirilmegini, pagta öndürijiler üçin ýokary hilli gowaça tohumlarynyň ekiş möwsümine taýýar edilmegini, gök-bakja ekinleriniň ekişine ykjam taýýarlyk görülmegini gözegçilikde saklamagy häkime tabşyrdy.

Soňra Mary welaýatynyň häkimi B.Orazow welaýatda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ýagdaýy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda sebitiň ak ekin meýdanlarynda agrotehniki kadalara laýyklykda ideg işleri dowam edýär. Şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlary ýazky ekişe taýýarlamak maksady bilen, ýerlerde tekizleýiş, geriş çekmek, topragy mineral dökünler bilen gurplandyrmak işleri ýerine ýetirilýär. Pagta öndürijiler üçin welaýatyň

Все права защищены

toprak-howa şertlerine laýyk gelýän ýokary hilli gowaça tohumlaryny, ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny we gurallaryny ýazky möwsüme taýýarlamak boýunça zerur işler alnyp barylýar. Ýeralmanyň, soganyň we beýleki azyklyk ekinleriň ekişine guramaçylykly girişmek we bellenen agrotehniki möhletlerde geçirmek üçin olaryň ekilmeli ýerleri, tohumlary taýýarlanylýar.

Mundan başga-da, häkim hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryna laýyklykda, gyşky möwsümde welaýatda ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdepleriň we çagalar baglarynyň ýyladyş ulgamlarynyň kadaly işledilmeginiň, ilatyň elektrik energiýasy, tebigy gaz, agyz suwy bilen bökdençsiz üpjün edilmeginiň yzygiderli gözegçilikde saklanylýandygyny habar berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häzirki wagtda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň möhüm ähmiýetine ünsi çekdi we şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlaryň, pagta öndürijiler üçin welaýatyň toprak-howa şertlerine laýyk gelýän ýokary hilli gowaça tohumlarynyň ekiş möwsümine doly taýýar edilmegini, bugdaý ekilen meýdanlarda ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryny berk berjaý etmek arkaly ýerine ýetirilmegini, gök-bakja we beýleki azyklyk ekinleriniň ekişini agrotehniki möhletlerde tamamlamak üçin zerur çäreleriň görülmegini üpjün etmegi häkime tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň “Türkmenistanda 2024-nji ýylda bugdaýyň bol hasylyny öndürmek hakynda” Kararyny ýerine ýetirmek hem-de ýurdumyzda azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak maksady bilen, welaýatlaryň bugdaý ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda degişli ideg işleri ýerine ýetirilýär. Şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlary ekiş möwsümine taýýarlamak boýunça ýerlerde degişli işler dowam edýär. Şunuň bilen birlikde, pagtaçy daýhanlary ýokary hilli gowaça tohumlary bilen üpjün etmek üçin tohumlyk gowaça çigitleri taýýarlanylýar, ýazky ekişde ulanyljak ähli oba hojalyk tehnikalary we gurallary abatlanylyp, möwsüme taýýar edilýär. Ýurdumyzyň welaýatlarynda ýeralmanyň, soganyň, beýleki gök-bakja ekinleriniň ekişini agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda geçirmek we bellenen möhletlerde tamamlamak boýunça zerur işler alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk önümleriniň öndürilýän möçberlerini artdyrmak, pudagy döwrüň talabyna laýyklykda ösdürmek boýunça öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmeginiň zerurdygyny belledi we ýurdumyzyň bugdaý ekilen meýdanlarynda alnyp barylýan ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryny berk berjaý etmek

Все права защищены

arkaly amala aşyrylmagyny, gowaça ekiljek meýdanlaryň, ýokary hilli gowaça tohumlarynyň, oba hojalyk tehnikalarynyňdyr gurallarynyň ýazky ekiş möwsümine taýýar edilmegini, ýeralmanyň we beýleki gök-bakja ekinleriniň ekişiniň guramaçylykly hem-de agrotehniki möhletlerde geçirilmegini berk gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz welaýatlaryň häkimlerine ýüzlenip, ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda hem-de Oba milli maksatnamasynda 2024-nji ýyl üçin meýilleşdirilen işleriň ýokary hilli we öz wagtynda ýerine ýetirilmeginiň zerur talap bolup durýandygyna ünsi çekdi hem-de bu ugurda alnyp barylýan işleri berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz welaýatlardaky medeni-durmuş maksatly binalaryň ýyladyş ulgamlarynyň kadaly işledilmegini, ilatyň elektrik energiýasy, tebigy gaz we agyz suwy bilen bökdençsiz üpjün edilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen iş maslahatyny jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, öňde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmekde üstünlikleri arzuw etdi.

**(TDH)**

Все права защищены